# Döwrebap biçüwli täze «Ýedigen»

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Döwrebap biçüwli täze "Ýedigen" DÖWREBAP BIÇÜWLI TÄZE «ÝEDIGEN»

I. ÝEDI ÝETIM

1. Enesiz-atasyz bütin ýetim.
2. Enesi bar, atasyz ýetim.
3. Atasy bar, enesiz ýetim.
4. Aýalsyz ýetim.
5. Aýally ýetim (bu aýaly bederra, şerraý bolan ärsumaga degişli).
6. Perzentsiz ýetim.
7. Ilinden jyda düşen ýetim.

II. ÝEDI ZATDAN GORK

1. Ozaly bilen Hudaýdan gorkmaýandan gork.
2. Aýbygadym aýaldan gork.
3. Gara nebsiňden gork.
4. Býurokratdan gork.
5. Göze görünmeýän beladan gork.
6. Dile düşmez ogul-gyzdan gork.
7. Ýalan töhmetden gork.

III. ÝEDI ÝERE ELIŇ BOŞ BARMA

1. Mollanyň öýüne barsaň.
2. Pal atýanyň öýüne barsaň.
3. Tebibiň öýüne barsaň.
4. Körpe ogluň öýüne barsaň.
5. Gezýän gelniň öýüne barsaň.
6. Gaýyn öýüne barsaň.

7. Görüñe-de boş barma, imanyñy alyp bar.

## IV. ÝEDI ZADYÑY ILE YNANMA

1. Aýalyñy.
2. Peçadyñy.
3. Tüpeñiñi.
4. Içki syryñy.
5. Maşynyñy.
6. Mülküñi.
7. Göze görnen gyzyñy.

## V. ÝEDI ZAT BAÝNAMAZ

1. Ene-atany ynjydan perzent.
2. Agzala öýüñ maşgalasy.
3. Aýaly gezegeniñ äri.
4. Alkaş çopanyñ sürüsi.
5. Ýolbaşçysy çöññe edara.
6. Der dökülmedik ýeriñ hasyly.
7. Patyşasy köp döwletiñ ili.

## VI. ÝEDI ZAT ZERUR

1. Agzybirlik zerur.
2. Saglyk zerur.
3. Mylakatly aýal.
4. Gadyrdan goñşy.
5. Goluñda köp hünär.
6. Ile oñly başlyk.
7. Öleñde iman.

## VII. ÝEDI ZAT TIZ GARRADAR

1. Ýaman aýal.
2. Betlagam är.
3. Dile düşmez ogul-gyz.
4. Mätäçlik.
5. Dikdüşdi ýolbaşçy.

6. Başa düşen köp ölüm hasraty.
7. Warak maşyn.

Pyhy TAGAN.

«Tokmak» žurnaly, 1992 ý. Degişmeler